***Şu gün — 11-nji dekabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň binasynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli iki günlük sergi açyldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilýän bu sergi ata Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýylynyň dowamynda ähli pudaklarda gazanan üstünliklerini beýan edip, garaşsyz ösüşiň ýolunda ykdysadyýetde, syýasatda, durmuş ulgamynda, medeni-ynsanperwer, ylym we tehnologik ugurlarda ýetilen belent sepgitleriň aýdyň güwäsine öwrülýär.***




Garaşsyz ýurdumyzyň ykdysady ösüşi bitaraplyk, diwersifikasiýalaşdyrmak, durnukly gülläp ösüş ýörelgeleriniň esasynda kemala gelýär. Hormatly Prezidentimiz sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagynda bu barada belläp geçmek bilen, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen tagallalaryň ähmiýetine ünsi çekýär. Şoňa görä-de, bu giň möçberli sergä ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hünärmenleri, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary, türkmen işewürleri, şeýle hem daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşýarlar.

Все права защищены




Все права защищены

Sergide ýurdumyzyň käbir ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarydyr talyplary hem işjeňlik görkezýärler. Hususan-da, birnäçe daşary ýurt dillerinden kämil baş çykarýan talyp ýaşlar degişli pawilýonlara wekilçilik edip, sergä gatnaşyjylary şu gezekki forumyň aýratynlyklary bilen tanyşdyrýarlar. Serginiň çäklerinde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri üçin ýörite media merkezi hereket edip, bu ýerde žurnalistleriň işlemegi üçin ähli mümkinçilikler döredilendir. Biz — ýaş wagyzçylar serginiň çäklerinde, şeýle hem bu ýerdäki media merkezinde makalalary, tele we radiogepleşikleri, myhmanlar bilen interwýulary taýýarlap, forumyň ähmiýetini iň ýokary tizlikde şöhlelendirmekde möhüm işleri alyp barýarys.




Buýsanç bilen bellesek, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzda ýurdumyzda we daşary ýurtlarda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli dabaralar, sergilerdir forumlar guralýar. Şu gezekki sergi hem baýramçylyk dabaralarynyň özboluşly dowamydyr. Gözden geçirilişde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen amala aşyrylýan halkara ähmiýetli başlangyçlaryň hem-de durmuş-ykdysady özgertmeleriň netijeleri aýdyň görünýär.

**Gülşat PIRJANOWA,**

Все права защищены

**Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy, ýaş wagyzçy.**

Все права защищены